**Ýurdumyzda bilim-terbiýeçilik edaralarynyň işini maksadalaýyk guramak, ýaşlaryň bilim almaga we hünär öwrenmäge bolan höweslerini goldamak, döredijilik, tehniki we beýleki ugurlar boýunça meşgullanmalary netijeli amala aşyrmak, guramaçylykly dolandyrylyşy we işjeň ösüşi gazanmak, şeýle-de öňdebaryjy bilim işgärlerini ýüze çykarmak, olary täze zähmet üstünliklerine ruhlandyrmak ýaly maksatlardan ugur alyp, «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly atmyradyň mekany» ýylymyzda «Iň gowy mekdepden daşary çagalar edarasy», «Iň göreldeli gurnak ýolbaşçysy» atly bäsleşikleriň Mary welaýat tapgyry hem guramaçylykly geçirildi.**

«Altyn nesil» çagalar we ýetginjekler döredijilik öýünde geçirilen bu bäsleşiklere welaýatyň etrap, şäherlerinde hereket edýän çagalar we ýetginjekler döredijilik öýleri we gurnak ýolbaşçylary işjeň taýýarlyk bilen gatnaşdylar.



Bäsleşikler degişli düzgünnama esasynda guralyp, yglan edilen şertler boýunça gatnaşyjylaryň alyp barýan işlerine, döredijilik öýlerinde ýola goýlan meşgullanmalaryň netijelerine, okuw ýylynyň dowamynda gazanan üstünliklerine, döredijilikli taslamalaryna, ýetginjeklere hünär öwretmekde gazanylan tejribelere, nazary we amaly okuwlary

Все права защищены

guramakda usulyýetiň kämilleşdirilişine, iş resminamalarynyň talabalaýyk ýöredilişine, okuw-görkezme esbaplaryň peýdalanylyşyna, sanly bilim serişdelerine, maglumat gorlaryna, hünär taýýarlygyna, bilim işgärleriň öz bilimini kämilleşdirmekde usuly taýýarlyklaryna, bezeg işlerine, hojalyk, dolandyryş ukyplaryna, jemgyýetçilik işlerine, köpçülikleýin çärelere bolan gatnaşyklarynyň görkezijilerine laýyklykda baha berildi.

Şeýlelikde, «Iň gowy mekdepden daşary çagalar edarasy» atly bäsleşik boýunça Murgap etrabynyň «Ruhubelent» çagalar we ýetginjekler döredijilik öýi baş baýraga mynasyp boldy. Emin agzalaryň gelen netijeleri boýunça «Iň göreldeli gurnak ýolbaşçysy» atly bäsleşigiň hem baş baýragyna şol çagalar we ýetginjekler döredijilik öýüniň gurnak ýolbaşçysy Gülçemen Ahmedowa eýe boldy.

Bäsleşiklere gatnaşyp, tapawutlanan çagalar we ýetginjekler döredijilik öýleri degişli baýrakly orunlar boýunça yglan edildi. Ýeňijiler Mary welaýat Baş bilim müdirliginiň Diplomlary we ýadygärlik sowgatlary bilen sylaglandylar.

**Aýna NURÝAGDYÝEWA,**
**Mary welaýat Baş bilim müdirliginiň baş hünärmeni.**

Все права защищены